# Ýagtylyk

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Ýagtylyk ÝAGTYLYK

Gyzaran gün ýere eñegin berdi,
Atlaz çadyryna dolandy älem,
Her dynç alyş güni özüñ gelerdiñ,
Giç öýländen bäri otyrtn hälem.

Ýyldyz deýin şol şol çyranyñ ýagtysy,
Böwüsýär gijäniñ gara şalyny.
Tamam bolsun garaşmagyñ möhleti,
Gelsene, gyz, duýup meniñ halymy.

Ýüregmi açmakçy men saña, läläm,
A sen bolsa şol «nokatda» işleýäñ.
Emma, öñe gitmän, yza dolandym,
Men azar bermäýin, rahat işle, ýar.

Gaýdyp barýan seni salyp huşuma,
Yzda galdy tolkun sypat ýapylar.
Içgin-içgin gürleşere, duşara,
Bilýän, ýene kän pursatlar tapylar.

Henizem görünýär nurly çyrañyz,
Yzda galdy uzak ýoluñ ýarpysy.
Ara daş bolsa-da, juwan ýüregme,
Gelip durdy çyrañyzyñ ýagtysy.

Abdyreşit TAŞOW. Goşgular